# Dünýäñ aýdymy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Dünýäñ aýdymy DÜNÝÄÑ AÝDYMY

Ýagyşlañ çygyna başyñy ezseñ,
Uçsañ, ganat ýaýsañ mawy asmanda.
Tolkunynda ýüzseñ, daglarda gezseñ,
Galyp bilmez, galmaz bu jan armanda.

Täzeden dogulyp bilersiñ günde,
Garaşan eýýamyñ gaşyña geler.
Aýdymyñ ýañlansa dünýäñ göwnünde,
Bu ýagty jahanda ömür eglener.

Şol wagt, bilýärmiñ, sen ýeke dälsiñ,
Ýüregi mähirli dostlañ garaşar.
Hem söýüp bilýänsiñ, söýlüp bilýänsiñ,
Bize şeýdip ýaşamaklyk ýaraşar.

Gezse ýürek külli älemi böwsüp,
Görse negrleriñ geñsi halyny,
Oýanar müñ dürli pikirler öwsüp,
Diñlese Ganganyñ hoş owazyny.

* * *

Gapy ýarym açyk, bor-la,
Ýakyn maña bu belligiñ.
Galdyrypsyñ, dur stolda,
Gara reñk jübüt elligiñ.

Çyra ýanýar, ýok, tümlük ýok,
Saña ýönelendir ünsüm.
Men bolşuña düşünemok,
Nämüçindir gitdiñ ümsüm.

Eýse bu bolşuñ gylykmy,

Ertir geler, geýnip ýüpek.
Dolan dünýämiz gyzykly,
Mertligin saklasa ýürek.

Görýän weli, ýadaýarsyñ,
Höwese haýallyk berýäñ.
Öñe däl, yza garýarsyñ,
Daşynda sen joşly derýañ.

Anna AHMATOWA.

Rus dilinden terjime eden: Gözel ŞAGULYÝEWA,
Türkmenistanyñ halk ýazyjysy. Goşgular